# Pişikler şäheri / hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pişikler şäheri / hekaýa

PIŞIKLER ŞÄHERI

Biziň gürrüňini etjek bolýan ýaş jahankeşdämiz eli ýeke çemedanly bir özi syýahat eder ýörerdi. Onuň baryp görmegi niýet edinen belli-külli mekany-da ýokdy. Ol galapyn otly bilen syýahat edýärdi. Bir zat ünsüni çekdigi, şo taýda-da düşläýýärdi. Myhman bolar ýaly ýerem tapynýardy, soňra şähere aýlanardy, göwün solpusyndan çykynça-da, şo ýerde galýardy. Baran ýeri ýüregine düşüp, arzysy gaçyberse, ýene-de otlyň biline münüp, ýoluny dowam ederdi. Bu jahankeşde her ýylky zähmet rugsadyny şeýdip geçirmäge endik edipdi. Bir gezek otlynyň ýolagçy wagonynyň penjiresinden seredip otyrka, owadan derýa gözüne ildi. Egrem-bugram bolup akyp ýatan derýanyň ýakasynda ýaşyl ýapynja atynan depedir baýyrlaram ýanaşyşyp otyrdy. Olaryň eteginde bolsa kiçijik hem asuda mesgene çalym edýän şäher bardy. Bu ýerdäki daşdan gurlan köne köpri henize çenli ýykylman galypdyr. Şu görnüş ýaş gezendäni özüne maýyl etdi. Ol bu ýerde tagamlyja balygam iýip biljekdi. Otly menzile gelip togtansoň, ýaş ýigit çemedanyny goltuklap, wagondan düşdi. Bu ýerde özünden başga ýekeje ýolagçam otludan düşmedi. Jahankeşde ýigit düşensoň, otly ýene-de ýola rowana boldy. Bu demirýol menzilinde işgär bar-a meňzänokdy, bu taýa köpden bäri adam aýagy seken däl borly.
Ýaş ýigit daş köprüden geçip, şähere tarap ýöräberdi. Şäher ümsümlikdi. Näme üçindir, adam-gara görnenokdy. Ähli dükanlaryň gapysy ýapyk, hökümet edaralarynda-da janly-jemende ýokdy. Hatda şäherdäki ýeke-täk myhmanhananyň işiginde-de hiç kim göze ilmedi. Jahankeşde ýigit onuň gapysynyň jaňyny kaksa-da, ses beren bolmady. Şu ýagdaýdan çen tutsaň, şäher janly-jemende ýaşaýana meňzänokdy. Bu ýagdaý onda şäher ilaty başga bir ýerde gündizki ukusyna giden bolaýmasyn diýen duýgy

oýarýardy. Ýöne bu wagt sagat ýaňy on bolupdy, gündizki ukudan entek irdi. Ýa adamlar haýsydyr bir sebäbe görä bu şäheri terk edäýdilermikä? Ýöne indi daňdana çenli başga otly ýokdy. Şonuň üçin oňa gijäni bu ýerde geçirmekden başga alaç galmandy. Ýaş ýigit şäheriň köçelerinde bimaksat ygyp, wagt geçirmeli boldy.

Aslynda, bu şäher pişikleriň ýaşaýan, olaryň mesgen tutan ýeridi. Ine, Gün eňegini ýere berenden daş köprüden bosuşyp ugran pişikler şähere doldular. Olar dürli reňkdäki, dürli gömüşli pişiklerdi. Adaty pişiklerden has uludylar, ýöne olaryň pişikdigi welin anykdy. Ýaş jahankeşde bu ýagdaýy görüp, haýran galdy. Ol derrew şäheriň merkezindäki jaňhana çykyp gizlendi. Pişikler, göýä, ozaldan öwrendekli ýaly, dükanlaryň gapylaryny açdylar. Käbirleri edaralardaky iş stollaryň başyna geçip, öz işleri bilen meşgul bolup başladylar. Biraz wagt geçenden soň, ýene-de esli pişik daş köprüden geçip, şähere geldi. Olar dükanlara girip söwda edýärdiler, edarada möhüm işlerini bitirip ýörenleri-de az däldi. Garbanyşhanada iýip-içip oturanlary-da ýeterlikdi. Meýhanada şerap süzüp, meý-mest bolup aýdyma zowladýanlary-da gyt däldi. Holha, bir pişik saz çalýar, başga birem onuň sazyna goşulyp tans edýär. Gözleri gijelerine gowy görensoň, olara yşygam zerur däldi. Dolan Aý şäheriň ähli ýerine ýagty saçyp duransoň, jahankeşde jaňhananyň ýokarsynda oturan ýerinden aşakda bolýan zatlary arkaýyn synlap bilýärdi.

Gün dogdy. Pişikler işlerini biryanýüzli edip, dükanlary ýapdylar-da, usullyk bilen köprüden aşyp, gürüm-jürüm boldular. Olar gidenden soň, şähere ýene imisalalyk aralaşdy. Ýaş jahankeşde gizlenen ýerinden aşak düşdi. Ol şäher myhmanhanasyna baryp, ilki gözüne ilen ýatalga geçip süýndi-de, birsellem dynjyny aldy. Içi eljuk diýensoň, myhmanhananyň aşhanasyna baryp, gaty-guty çörekdir gowrulan balyk bilen garbandy.

Garaňky gatlyşyp ugrady. Ol ýene-de jaňhana çykyp gizlendi. Tä daň atýança, pişikleriň hereketlerini üns bilen synlady. Otly bu demir ýol menzilinde guşlukda hemem iňrik garalyp gelýärkä, sähel salymlyk säginip geçýärdi. Eger ol guşluk gelýän otla münse, ýoluny dowam edip biljekdi, agşamara gelýän otla münse

welin, ýene yzyna, gelen ýerine gaýtmalydy. Ýöne demir ýol menzilinde ýekeje adamam otludan düşenokdy, oňa münýänem ýokdy. Şonda-da otly bu menzilde üýtgewsiz, şol bir wagtynda az salymlyk togtap, geçip gidýärdi. Şonuň üçin eger islese, otla münägede, täsin pişikler şäherini terk edip biljekdi. Emma jahankeşde ýigit beýtmedi. Çünki ol entek ýaşdy hem bilesigelijidi. Onuň hyjuwdan pürepür ýüregi geň-enaýy başdangeçirmelere maýyldy. Pişikleriň bu täsin şäheri bilen has ýakyndan tanyş bolasy geldi. Bu şäher nädip, haçan pişikleriň şäherine öwrüldikä? Şäheriň dolandyrylyşy nähilikä? Ol ýerde pişikler näme işleýärkä? Bularyň barynyň anygyna ýetesi gelýärdi. Şeýle üýtgeşik şäheri özünden özge gören adam ýok bolsa gerek…

Üçünji gün diýlende, birdenkä jaňhananyň aşagyndaky meýdança üýşen pişikler galmagal turzup başlady. Olaryň biri:

Göwnüme bolmasa, adam ysy gelýän ýaly-la – diýdi.

Ýene biri murtlaryny müňňüldetdi:

Seň aýdýanyň dogry bolmagam mümkin. Menem birnäçe gün bäri, birhili, üýtgeşik ys alýan…

«Menem… menem» diýip, olaryň sözüne başga-da goşulanlar tapyldy. Beýleki bir pişik:

Geň galaýmaly, aslynda, bu ýere hiç haçan ynsan balasynyň aýagy düşmändi – diýdi.

Elbetde, bu dogry, adamlaryň biziň şäherimize girmäge haky ýok. Bu mümkin däl, ýöne adam ysynyň bardygy welin ikuçsuz…

Şondan soňra pişikler topar-topar bolşup, meýletinçiler dek, şäheriň ähli künjeklerini pugta barlamaga başladylar. Gollaryny çyzgap, işe çynlakaý ýapyşan pişikler burunlaryna hasam agram salýardylar. Olar adam ysynyň jaňhanadan gelýändigini tiz anykladylar. Ýaş jahankeşde pişikleriň jaňhana dyrmaşýandyklaryny bilip, öz ýanyndan «tutuldym-ow» diýip howsala düşdi. Hawa, adam ysy pişikleriň mazaly gaharyny getiripdi. Olaryň uzyndan ýiti dyrnaklary hem-de ötgür dişleri bardy. Bu şäher adamlaryň aýak sekmegi gadagan edilen şäherdi ahyryn! Ele düşäýse, başyna nähili hupbatlaryň injeginden ýaş ýigit bihabardy. Ýöne pişikler şäheriniň syryny açypdy, munuň özüne juda gymmat düşjekdigini başy ýaş-da bolsa aňýardy. Üç

sany pişik diňdäki jaň kakylýan ýere girip, daş-töwerege diň salşyp, ýiti-ýiti ysyrgandylar.
Olaryň biriniň murty syh-syh bolup gitdi:
– Geň galaýmaly, ysy bar-da, özi ýok.
Ýene biri gapdaldan goşuldy:
– Hakykatdanam, geň galaýmaly. Bu ýerde hiç kim ýok… Hany, ýörüň, başga ýerlerem barlalyň. Örän geň ýagdaý…
Gözlegleri hiç hili netije bermedik pişikler ýüzlerini sallaşyp, bu ýerden garasyny saýladylar. Olaryň merduwandan düşüp barýan sesleri garaňky gijä siňip gitdi. Ýaş jahankeşde birneme özüni dürsedi. Ýöne bir ýagdaý oňa-da düşnüksizdi. Ol darajyk ýerde pişikler bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan zordan sypypdy ahyryn.
Olaryň ýaş ýigidi görmezlikleri mümkin däldi. Muňa garamazdan, näme üçindir, pişikler ony görmän geçip gitdiler. Ýaş ýigit elini gözüne golaýlatdy. Ol öz elini görýärdi, diýmek, göze görünmeýän adama öwrülmändir. Bu ýerde bir syr-a bolmaly. Ol indi bu şäherden tizräk gitmegiň kül-külüne düşdi. Daň atdygy demir ýol menziline baragada, guşluk wagty geçýän otla münüp, bu jelegaýdan arany açmaly. Bärde mundan artyk galmak howpludy. Indiki gezek aşygynyň alçy gopaýjagy ikuçludy.
Ertesi guşluk wagty gelýän otly bu şäherde durmady. Onuň gözüniň alnynda badyny gowşatman geçip gitdi. Agşamky otlam bu ýagdaýy gaýtalady. Olam bu ýerde togtamady. Ol bir pursat otla erk edip oturan otlyň sürüjisini görüp ýetişdi. Otlynyň penjirelerinden ýolagçylaram görnüp durdy. Ýöne otly sägineýinem diýmedi. Otludaky ýolagçylar, hamala diýersiň, ony görmeýän ýalydylar, belki-de, olara otly menzili-de görünýän däldir. Jahankeşde ýigit otlynyň yzyndan garap, gözünden ýitip barşyny synlap durka, daş-töweregi görlüp-eşidilmedik ümsümlik gaplap aldy. Soňra Gün ýene-de eňegini ýere berdi. Diýmek, pişikleriň peýda bolýan wagty golaýlapdy.
Ýaş jahankeşde bu ýerde özüniň azaşandygyny aňdy. Bu ýeri pişikleriň şäheri-beýlekisi däldi. Ol iň soňunda muňa anyk göz ýetirdi. Bu ýer onuň azaşmaly ýeridi. Şäher ýaş jahankeşde üçin taýýarlanan, pany dünýäden üzňe bir mesgendi. Dogrusy, indi hiç bir otly ony gitmek isleýän ýerine äkitmek üçin bu

menzilde aýak çekmez. Bu anykdy.

Haruki MURAKAMI.

Mistika we fantastika